# Bäsleşige berlen ýumuş.

**“Zenan köýnegini taslamak we taýýarlamak”**

Bäsleşik ýumuşlary aşakdaky bölümleri özünde jemleýär:

**I.** Giriş.
**II.** Bäsleşige gatnaşmagyň görnüşleri.
**III.** Bäsleşik üçin ýumuş.
**IV.** Ýumuşuň  bölümleri we ýerine ýetirmekligiň zerur wagty.
**V.** Bahalaryň kriteriýalary.
**VI.** Zerur goşundylar.

Ýumuşyň ýerine ýetirilmegine berilýän wagt: 6 sagat.

## I.Giriş.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe “Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar” ýylynda “Hünär ussatlygy” bäsleşigi öňde baryjy ussat hünärmenleri taýýarlamagyň standartlaryny ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar. Hünär-tehniki we orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän hünär ussatlygynyň bäsleşigi hereketiniň iň möhüm ugurlarynyň biridir. Hünär ussatlygy bäsleşigi boýunça birinjilik alan ýeňijiler ilki bilen saýlama, soňra bolsa döwlet derejesindäki geçirilýän bäsleşige gatnaşmaga hukuk gazanýar.

Berlen bäsleşik ýumuşy iň gowy-ökde ýaş hünärmenleriň döremegine we olaryň ýüze çykarylmagyna itergi hem-de goldaw berýär.

Talyp egin-eşikleri döretmek bilen bagly işleri amala aşyrýarlar. Onuň tehniki kwalifikasiýasy taslama boýunça; dizaýny işläp düzmek boýunça; ülňileri we şablonlary gurnamak boýunça, eşikleri biçmek, taýýarlamak we şablonlary gurnamak boýunça başarnygyny we ussatlygyny özünde jemleýär.

Ýumuşyň üstünde işleýän wagty talyp berilen materiala tygşytly çemeleşmegi, häzirki zaman enjamlarynda işläp bejermegiň tehnologiki usullaryny saýlamagy başarmaly. Eşigiň dizaýny döredijilikli pikirlenmäni, modanyň we enjamlaryň iň soňky tehnologiýasy baradaky bilimi talap edýär.

Ýumuş bäsleşigiň talaplaryna degişlilikde anyk we takyk ýerine ýetirmeli.

## II. Bäsleşige gatnaşmagyň görnüşleri.

Ýumuşy özbaşdak ýerine ýetirmek.

## III. Bäşleşik üçin ýumuş.

Bäşleşik ýumuşynyň düzümi tikin önümleriniň taýýarlanylyşy bilen bagly işler bolup durýar. Bäsleşige gatnaşyjylar gözükdirilýärler (instruksiýa) we material hem-de furnituralar bilen üpjün edilýärler.

Bäsleşik ýumuşy yzygider ýerine ýetirilýän birnäçe bölümleri özünde jemleýär.

Her bir ýerine ýetirilen bölümler aýratyn bahalandyrylýar.

Bäsleşik ýumuşy bölümleýin ýerine ýetirilmeli. Bahalandyrmak bölümden bölüme geçmek bilen amala aşyrylýar.

**Bäsleşik aşakdakylary özünde jemleýär:**

- berilen eskiz (Goşundy 1) we daşky görnüşiniň beýany (Goşundy 2) boýunça, adaty şekiliň ölçeglerinde zenan köýneginiň esasyny gurnamak, tehniki modelirlemek hem-de ülňileriň toplumyny taýýarlamak;
- zenan köýnegi taýýarlamak.

Ähli bölümler boýunça işler bir wagtda başlanmaly. Her bir ýerine ýetirilen bölüm aýratynlykda bahalandyrylýar.

## IV. Ýumuşyň bölümleri we ony ýerine etirmek üçin gerekli wagty.

Bölümler we wagty 1-nji tablisada getirilýär.

| № | Bölümiň ady | Iş wagty | Ýumuşa berlen wagty |
|---|---|---|---|
| 1 | Zenan köýneginiň gurnama-modelirleme işi. | $9^{00}$-$15^{00}$ | 2 sagat |
| 2 | Zenan köýneginiň taýýarlanyşy | | 4 sagat |
| **Jemi** | | | **6 sagat** |

### 1-nji bölüm. Zenan köýneginiň gurnama-modelirleme işi.

Maksimal wagty (2 sagat).

Bäsleşige gatnaşyjy zenan köýnegiň bazalaýyn esasynyň gurnama-modelirlenmesini ýerine ýetirmegi hem-de ülňiler toplumyny taýýarlamagy zerurdyr.

Bäsleşige gatnaşyjy esasyň gurnama-modelirlemesini eskize laýyklykda ýerine ýetirýärler.

Ülňileriň toplumy aşakdaky talaplara laýyk gelmeli:

- eskize laýyk bolmaly;
- markirowka ýazgylary oňat okalýan, daşky estetiki görnüşi bolmaly;
- eriş sapaklarynyň ugurlary, tikine göýberimler, barlag belgileri bolmaly.

***2 sagat*** geçenden soň bäsleşige gatnaşyjylar ýerine ýetiren işini tabşyrýar:

- zenan köýnegiň ülňileriniň toplumy.

### 2-nji bölüm. Zenan köýnegiň taýýarlanylyşy.

Maksimal wagt (4 sagat).

Bäsleşige gatnaşyjy zenan köýnegi 1-nji bölümde ýerine ýetirilen ülňüleriň toplumyna we eskize laýyklykda tikmeli.

Bäsleşige gatnaşyjy aşakdakylary ýerine ýetirmeli:
- ülňüleri matanyň üstünde ýerleşdirmeli;
- bölekleri biçmeli we olary tikine taýýarlamaly;
- zenan köýnegi eskize laýyklykda tikmeli.

Bölümde ýumuşy ýerine ýetirmegiň dowamynda bäsleşige gatnaşyjy habar berende esasy materialda ülňileriň ýerlikli we dogry ýerleşdirilmegi bahalandyrylýar.

Zenan köýnegiň ülňileriniň ýerleşmesi şu aşakdaky talaplara jogap bermeli:

- ülňileri ýerleşdirmegiň tehniki şertlerine laýyk gelmeli;
- tygşytly hem zaýasyz bolmak.

Zenan köýnegi aşakdaky talaplara jogap bermeli:

- önüm doly gutarlan görnüşde taýýar bolmaly;
- berlen eskize laýyk bolmaly;
- ýumuşa boýunça kesgitlenen häsiýetnamalary bolmaly;
- önümiň gurnalşynyň ýerine ýetirilişini we tehnologiki işläp taýýarlanyşynyň hilini görkezmeli.

4 sagat geçende soň, bäsleşige gatnaşyjy baha goýmak üçin taýýar ýa-da taýýar bolmadyk işini tabşyrmaly:

- ülňileriň toplumyny, manekende zenan köýnegini.

## V. Bahalandyrma derejesi.

Berilen bölümde bahalandyrma kriteriýasy we goýulýan ballaryň (emin agzalaryň we ölçenýänler) mukdary (tablisa 2-de berilýär).
Ähli derejeler boýunça ýumuş/bölümleriniň ballarynyň umumy mukdary 100 baly düzýär.

| Bölüm | Derejeleri | Bahalar | | |
|---|---|---|---|---|
| | | Eminleriňki | Ölçeýji | Umumy |
| 1 | Zenan köýneginiň gurnama-modelirlenmesi | 10 | 27 | 37 |
| 2 | Zenan köýnekginiň taýýarlanylyşy | 30 | 33 | 63 |
| **Jemi** | | **40** | **60** | **100** |

**Eminleriň bahalary.**
Synçylar eminleriň bahalaryny ulanyp, aşakdaky görkezijileri bahalandyrarlar:
- aýratynlygy, üýtgeşikligi,täzeçilligi;

- dizaýnyň elementlerini we prinsiplerini ulanmak;
- berilen materiallar bilen işlemek;
- matanyň, dizaýnyny,reňkleriň sazlaşygy;
- taýýarlamagyň umumy hili;
- önümiň çygly-ýylylyk bilen işlenişiniň hili;
- dizaýnyň we gurnamagyň çylşyrymlylygy;
- tehniki işläp bejerilişiniň çylşyrymlylygy.

**Ölçenilýän bahalandyrmalar**.

Synçylar şu görkezijiler boýunça ölçenilýän derejeleri bahalandyrýarlar:

- ýumuşyň interpretasiýasy (tehniki suratyň sudury we ölçeglerine laýyk gelmek);
- ölçegiň takyklygy; gurnamagyň taýýarlanylyşy;
- biçüwiň takyklygy /sepleriň dogry gabatlaşmagy;
- biçüwiň ülňisiniň informatiwligi (eriş sapagyň ugry, birleşdiriji tikinler, düwünleriň işlenip bejerilişi we sepleriň, serpme ýakalaryň, jübileriň, aşaky etegiň we ş.m. laýyk gelmesi);
- umumy ütükleme işleri;
- işläp bejerilişiniň dürli usuly we el bilen bezemek işleri; taýýarlamagyň umumy hili.

## VI. Zerur goşundylar.

Bu bölümde ýumuşy ýerine ýetirmek üçin zerur bolan goşundylar getirilýär.

№1 goşundy: Tehniki eskiz.

№ 2 goşundy: Zenan köýnegiň tehniki beýany.

№ 3 goşundy: Gerekli esbaplar.

**Goşundy №1**



**Goşundy №2**

## Zenan köýneginiň tehniki beýany.

Daş görnüşiniň beýany.

Zenan köýnegi ýarymdaraldylan sudurynda, uzyn görnüşinde.

Köýnegiň öň böleginde goltuk oýyndan gaýdýan danlar bil danlary bilen sepleşýär.

Arka tarapynda orta tikinleri hem-de bil danlary bar. Önüme milli ýaka oturdylan. Ýaka gyýa zolak bilen işlenip bejerilen.

Ýeňi uzyn, birtikinli, oturtma, ýeňiniň aşaky gyrasy gyýa biçilen jähek bilen işlenip bejerilen.

**Goşundy №3**

## Gerekli esbaplar 1 adamlyk bahalary

| Gerekli esbaplar | Norma |
|---|---|
| Wagtlaýyn birikdiriji iňňejikler (guty) | 1sany |
| Santimetr lentasy | 1sany |
| Çyzgyç-2 sany | 2 sany |
| Ülňi | “сабля,“сапог”, “улитка” |
| Biçim meli | 1 sany |
| Biçim gaýçy | 1 sany |
| Dürli bezeg işler üçin kici gaýçy | 1 sany |
| Ütük ediji gural | 1sany |
| El iňňeleri | 1 sany |
| Söküji gural | 1 sany |
| Oýmak | 1 sany |
| Iňňe ýassyjygy | 1 sany |
| Ak tikin sapaklar | 1 sany |
| Galam | 1 sany |
| Bozguç | 1 sany |
| Ätiýaçlyk maşyn iňňeleri | 1 sany |
| Ülňi üçin kagyz (millimitrowka) | 3 sany ( bir adama) |
| Kagyz kleýi ýa-da skotç | 1 sany |
| Nagyş (Milli ýaka) | 1 sany |
| Mata | 2,5 metr |
| Matanyň reňkine görä tikin sapaklar | 4 sany (bir adama) |
| Ýelimleýji zolak | 1 sany |
| **Jemi:** | |